# Maksadyma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Maksadyma ROZYGÜL ÝAZHANOWA

▶ MAKSADYMA

Sokur gözden ýaş akdyrjak,
Yhlasym bilen güllärin.
Daş ýaryp, daşa kök urjak,
Müşk saçar hoşboý güllerim.

Sowuk ýürekli gagşatsa,
Mähri goruñka ýylaryn.
Minnetli aş daganymdan,
Öz kendirigmi ýalaryn.

Uçaryn ganat ýasanyp,
Baş bermezek çapgyn ýelden.
Geçen ýerlem goýup yzda,
Ýokary galaryn ýerden.

Süýr depesinden gararyn,
Belende galyp älemden.
Goç kimin darkaş guraryn,
Mysapyr bolup mälämden.

Yza tesmek ýeñilişdir,
Ýaýdandyrmaz gaýa, uçut.
Daglary böwsüp bilmesem,
Geçerin üstünden uçup.

Naçar bolup dogulmagym,
Esas däl egnim gysara.
Gaýratly ýürek beripdir,
Nähakyñ gözne basara.

Maksadym tapar myradyn,

Şorlanymy güllederin.
Ejizligiñ bagryn ýarjak,
Gözden urjak gülledirin. Goşgular